**Türkmenistanyň Merkezi banky**
Центральный банк Туркменистана
Central bank of Turkmenistan

# BANK HABARLARY
# БАНКОВСКИЙ ВЕСТНИК
# BANKING BULLETIN

**2025-nji ýylyň 1-nji ýanwar ýagdaýyna**
на 1 января 2025 года
January 1, 2025

**Aşgabat 2025**

# Mazmuny / Содержание


## SELJERIŞ MAKALALARY / АНАЛИТИЧЕСКИЕ СТАТЬИ

BANK HYZMATLARYNYŇ ÖSÜŞLI MENZILLERI
3

SANLY BANK ULGAMY - DÖWRÜŇ TALABY
6

MILLI YKDYSADYÝETIMIZI ÖSDÜRMEKDE
PUL-KARZ SYÝASATYNYŇ TUTÝAN ORNY
10

## SELJERIŞ MAGLUMATLARY
## АНАЛИТИЧЕСКИЕ МАТЕРИАЛЫ / ANALYTICAL MATERIALS

**TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI**
ТЕНДЕНЦИИ РАЗВИТИЯ БАНКОВСКОЙ СИСТЕМЫ ТУРКМЕНИСТАНА
DEVELOPMENT TRENDS OF THE BANKING SYSTEM OF TURKMENISTAN
14

**TABLISALAR** / ТАБЛИЦЫ / TABLES
16

# BANK HYZMATLARYNYŇ ÖSÜŞLI MENZILLERI

Agzybir halkymyz hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyna» belent maksatlar bilen gadam goýdy. Hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllygynyň halkara derejede bellenilmegi bu ýylyň ýurdumyz üçin ähmiýetini has-da artdyrýar. Milli ykdysadyýetimizi, şol sanda, maliýe we bank ulgamyny ösdürmekde durmuşa geçirilýän syýasatyň çygrynda bank ulgamyna innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmak arkaly tölegleriň çalt we öz wagtynda geçirilmegini üpjün etmek, nagt däl pul geçirimlerini gysga wagtyň içinde amala aşyrmak, bank kepilligini bermek, karzlara bolan islegleri yzygiderli ýokarlandyrmak we kanagatlandyrmak, şeýle hem bank ulgamyny sanlylaşdyrmak ýaly işler alnyp barylýar.

Bank ulgamy ykdysadyýeti maýa goýum serişdeleri bilen üpjün etmekde aýratyn ähmiýete eýe bolup, bu ulgamyň sanlylaşdyrylmagy işewürlik mümkinçiliklerini artdyrmaga, bank hyzmatlarynyň hiliniň ýokarlanmagyna, nagt däl hasaplaşyk amallarynyň gerimini giňeltmäge, sanly ulgamda «Internet-bank», «Mobil-bank», «Sanly karz», «Sanly kart», «Galtaşyksyz töleg», «Onlaýn halkara töleg» ýaly hyzmatlaryň täze döwrebap görnüşlerini hödürlemäge uly mümkinçilik berýär.

Bütin dünýäde menzilara bank ulgamynyň dürli görnüşleri hereket edýär. Olar adaty bankdan tapawutlylykda bank hünärmenleri bilen müşderileriň arasynda göni aragatnaşyk saklamaýar. Menzilara bank amallary müşderilere, olaryň ýerleşýän ýerine garamazdan, uzak aralykdan köp kanally ulgamlar, şol sanda, bankomatlaryň, internet toruna birikdirilen kompýuterleriň we ykjam telefonlaryň üsti bilen ýerine ýetirilýär, netije-de bolsa şeýle görnüşdäki bank hyzmatlary birnäçe esse arzan bolup, raýatlaryň gymmatly wagtyny we pul serişdelerini tygşytlamaga we geçirilýän hasaplaşyklary çaltlandyrmaga ýardam edýär.

Ýurdumyzda bazar ykdysadyýetiniň häzirki tapgyrynda karz edaralarynyň şahsy taraplara, edara görnüşli we edara görnüşli taraplary döretmeýän telekeçilere, ýagny ähli müşderileri üçin ýerine ýetirilýan bank hyzmatlaryny menzilara görnüşinde amala aşyrmaklygyň ähmiýeti örän uludyr.

Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky tarapyndan 2025-nji ýylyň 1-nji ýanwar ýagdaýyna bank tarapyndan ornaşdyrlan «Internet-bank» ulgamynyň üsti bilen geçirilen tölegleriň möçberi 2,11 mln. manatdan, «Mobil-bank» ulgamynyň üsti bilen geçirilen tölegleriň möçberi bolsa 4,76 mln. manatdan geçdi, geçen ýylyň degişli döwründe bu görkezijiler «Internet-bank» ulgamy geçirilen nagt däl tölegleriň möçberi 0,95 mln. manatdan, «Mobil-bank» ulgamy arkaly geçirilen möçberi bolsa 3,27 mln. manatdan geçdi, şeýlelik bilen bu görkezijiler geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende degişlilikde 121,7 göterim we 45,4 göterim artdy. Bu öz gezeginde bankyň «Türkmenistanda 2019 - 2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyna» laýyklykda oňyn netijeleri görkezýändigine şaýatlyk edýär.

Mundan başga-da Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdeplerinde okaýan talyplaryň okuw we gündelik çykdajylary üçin «VISA» we «MasterCard» bank kart hasaplaryna manat serişdelerini onlaýn görnüşde özbaşdak goýmaga we erkin daşary ýurt puluna öwürmäge mümkinçiligi döredýän «Onlaýn halkara töleg» hyzmatyny ýola goýdy. Tölegi onlaýn görnüşinde amala aşyrmak üçin raýatlarymyz bir gezeklik banka gelip, tölege degişli resminamalary getirenden soň, bank işgäri tarapyndan internet arkaly ähli sazlamalary ýerine ýetirilýär. Şeýlelik bilen, bankyň resmi www.tnbk.tm. internet sahypasynyň «Onlaýn hyzmatlar» bölüminde ýerleşdirilen «Internet-bank» bölümçesiniň üsti bilen hyzmatyň amatly mümkinçiliklerinden peýdalanyp bilerler. «Onlaýn halkara töleg» hyzmatynyň

2024-nji ýylyň oktýabr aýynda hereket edip başlanyna garamazdan ornaşdyrylan gününden başlap 2025-nji ýylyň 1-nji ýanwar ýagdaýyna hyzmata birikdirilen müşderileriň sany 2,1 müň müşderä çenli ýetdi. Bu görkeziji hyzmatyň amatly mümkinçiliklerinden peýdalanýan müşderileriň sanynyň günsaýyn artýandygyny görkezýär.

Bankymyz tarapyndan ilatyň erkin pul serişdelerini banka möhletli we talap edilýänçä görnüşli goýumlara çekmek boýunça hem degişli işler alnyp barylýar, 2025-nji ýylyň 1-nji ýanwar ýagdaýyna şahsy taraplaryň goýumlarynyň jemi 1051,9 mln. manatdan gowrak bolup, olardan möhletli goýumlar boýunça jemi 155,3 mln. manat, goýumyň talap edilýänçä görnüşi boýunça 896,6 mln. manada deň boldy.

Döwlet tarapyndan berilýän goldawlaryň netijesinde milli ykdysadyýetiň döwlete dahylsyz bölegini ösdürmekde uly üstünlikler gazanyldy. Hususy telekeçiligiň ösdürilmegi ýurdumyzda köpugurly ykdysady we durmuş meselelerini çözmeklige mümkinçilik berýär. Hususy telekeçiligiň ýokary depgin bilen ösmegi adamlary iş orunlary bilen üpjün etmek, ilatyň sarp edýän harytlaryny öndürip, içerki bazarlary giňeltmek, ýerli çig mallary netijeli peýdalanmak, ykdysadyýeti düzüm taýdan kämilleşdirmek ýaly meseleleri çözmeklige ýardam bermek bilen çäklenmän, eýsem ykdysadyýetimizi özgertmegiň döwrebap meseleleriniň biri bolan daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleriň önümçiligini giňeltmekde möhüm orun tutýar. Bank ulgamy hem bu işde öz goşandyny goşýar.

Döwletimizde amala aşyrylýan ykdysady özgertmeleriň çäginde «Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararyna laýyklykda, Türkmenistanyň karz edaralary kiçi we orta telekeçilige degişli taraplara önümleri öndürmek, işleri hem-de hyzmatlary ýerine ýetirmek bilen bagly maýa goýum taslamalary üçin 10 ýyla, dolanyşyk serişdelerini almak üçin 1 ýyla çenli möhlete ýyllyk 5 göterim bilen karzlary berýärler. «Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakyndaky» Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary esasynda soňky ýyllarda ýüzlerçe taslama karzlaşdyrylyp, ykdysadyýetde müňlerçe goşmaça iş orunlary döredildi. Milli önüm öndürijilere berilýän goldawyň netijesinde halkyň isleglerini kanagatlandyrýan ýokary hilli önümleriň we hyzmatlaryň sany yzygiderli artdyrylýar. Bu öz gezeginde halkymyzyň girdejilerini we durmuş taýdan üpjünçiligi ýokarlandyrmaga, ykdysadyýetiň önümçilik kuwwatyny artdyrmaga, eksporta ukyply, importuň ornuny tutýan harytlarynyň görnüşlerini köpeltmäge öz goşandyny goşýar.

«Ýurdumyzda oba hojalyk önümlerini öndürijileri maliýe taýdan goldamak hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary giň göwrümli taslamalary amala aşyrmaga amatly mümkinçilikleri döredip, daýhan birleşiklerine we hojalyklara, oba hojalyk paýdarlar jemgyýetlerine, mülkdarlara, kärendeçilere, oba hojalyk ylmy-barlag institutlaryna, oba hojalyk önümlerini öndüriji hususy telekeçilere we döwlete dahylsyz edara görnüşli taraplara – dahyllylara ýyllyk 1 göterim





bilen ýeňilleşdirilen karz pullaryny bermäge banklara ygtyýar berýär. Bu serişdeler oba hojalyk tehnikalaryny, gurallaryny, abzallaryny we enjamlaryny, şeýle hem suw tygşytlaýjy tehnikalaryny, suwaryşda ulanylýan geçirijilerini 10 ýyl ulanyş möhletinden ugur alyp, her ýylda deň paýlar bilen gaýtaryp bermek şertinde satyn almaga bölünip berilýär.

Mundan başga-da maldarçylygy we guşçulygy ösdürmek, oba hojalyk önümlerini öndürmek, gaýtadan işlemek we hyzmatlary ýerine ýetirmek bilen bagly maýa goýum taslamalaryny maliýeleşdirmek, şeýle hem esasy serişdeleri we emläkleri satyn almak üçin ýyllyk 5 göterim bilen ýeňilleşdirilen karz pullaryny 10 ýyl möhlet bilen ulanyş möhletinden ugur alyp her ýylda deň paýlar bilen gaýtaryp bermek şertinde satyn almaga ygtyýar berilýär. «Türkmenistanda ýaş maşgalalaryň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararyna laýyklykda ýaş maşgalalara, olaryň ýüz tutmalary esasynda zerur bolan öý goşlaryny we hojalyk harytlaryny satyn almak üçin ýyllyk 1 göterim bilen 3 ýyl möhlete 20 000 müň manada çenli möçberde ýeňillikli karz serişdeleri nagt we nagt däl görnüşinde berilýär. «Türkmenistanda Ýaşlar baradaky döwlet syýasaty hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, är-aýalyň ikisi hem 35 ýaşyna ýetmedik ýaş maşgalalar Türkmenistanda ýaşlar baradaky döwlet syýasatynyň subýektleri bolup durýar. Bankymyz tarapyndan 2024-nji ýylyň dowamynda 1,6 müňe golaý ýaş maşgalalar resmileşdirilip, 30,9 mln. manatdan gowrak karz serişdesi berildi.

Mundan başga-da ýokary we ýörite orta hünär okuw mekdeplerinde bilim alýan talyplara degişli okuwyň bahasyny tölemek üçin gaýtadan dikeldilýän karz ugry boýunça karzlar berilýär. Bu karzlar talyplaryň ýokary we ýörite orta hünär okuw mekdeplerinde bilim alýan döwründe açylýar. Karz ugry boýunça serişdeler nagt däl görnüşinde her ýarymýyllyk ýa-da ýyllyk okuw tölegleri üçin zerur bolan möçberde tapgyrlaýyn görnüşinde berilýär. Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky tarapyndan 2024-nji ýylyň dowamynda 248 sany raýat üçin resmileşdirilip 1,8 mln. manada golaý möçberde karz serişdeleri berildi. Karz alyjy daşary ýurtlaryň ýokary okuw jaýynda okaýan bolsa, karz serişdeler Türkmenistanyň Bankara pul biržasynda erkin ýörgünli daşary ýurt puluna çalşylýar we soňra ýokary okuw jaýyndan berlen hasap-sypatnama boýunça tölegleri tölemeklige gönükdirilýär.

Halkymyzyň abadançylygy, rowaçlygy ugrunda ýadawsyz tagallalar edýän, ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň, maliýe-bank ulgamynyň işini has-da kämilleşdirmäge ähli mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun! Il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli alyp barýan beýik işleri mundan beýläk hem rowaçlyklara beslensin!

**Jemal MURADOWA,**
Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň
«Kerki» şahamçasynyň esasy hünärmeni

# SANLY BANK ULGAMY - DÖWRÜŇ TALABY

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda «Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyna» laýyklykda milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklaryna sanly hyzmatlary giňden ornaşdyrmakda maksatnamalaýyn işler durmuşa geçirilýär.

Sanly ulgam diýlende, ilki adam durmuşyny, zähmetini ýeňilleşdirýän, şol bir wagtyň özünde hem işiň-amalyň netijeliligini hem-de hilini artdyrýan ulgam hakydaňda janlanýar. Dogrudan hem, toplumlaýyn sanly ulgama geçilmeginden ilkinji maksat hem şundan ybarat dälmi eýsem? Sanly dünýäniň açary, asyl şu dälmi näme? Durmuşy aňsatlaşdyrmak, ösüşlere bat bermek! Sanly ulgamyň ösmegi bilen dünýä ylmy, gör nirelere ýetdi! Dünýä ykdysadyýeti, dünýä bilimi, dünýä senagaty sanly ulgama aýak diräp, asyrlyk ädimleri ätdiler. Diýmek, sanly ulgama geçmek dünýä bilen aýakdaş gitmegiň hem baş şertine öwrülýär. Bir düwmede giden işleri dolandyryp, gözegçilik edip bolýar. Ähli zat eliň aýasynda.

Bank ulgamy bazar ykdysadyýetiniň esasy düzümleriniň, ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň özgerişliklere taýýarlygyny şöhlelendirýän görkezijileriň biri bolup durýar. Şonuň üçin hem banklaryň sanly ulgama geçirilmegi bank düzümini döwrebaplaşdyrmaga, önümleriň görnüşlerini giňeltmäge hem-de döwrebap tehnologiýalary ulanmak arkaly müşderiler bilen özara gatnaşyklarynyň ugurlaryny artdyrmaga gönükdirilendir. Sanly ulgama geçilmegi bank hyzmatlarynyň gerimini hem-de milli töleg ulgamynyň mümkinçiliklerini giňeltmäge, banklaryň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga ýardam edýär. Sanly ulgama geçilmegi müşderi-bank gatnaşyklarynyň düýpli özgerdilmegini alamatlandyrýar. Munuň özi, ilkinji nobatda, hyzmatlaryň tizliginiň artdyrylmagyny hem-de hyzmat etmegiň goşmaça usullaryny ulanmak arkaly müşderileriň sarp edýän wagtynyň we serişdeleriniň tygşytlanylmagyny göz öňünde tutýar. Bu hyzmatlar halkara tejribäni ornaşdyrmak, müşderileriň isleglerini kanagatlandyrmak, şeýle hem maliýe ulgamynyň netijeliligini ýokarlandyrmak ýaly meseleleri çözmekde möhüm orun eýeleýär. Sanly ulgamyň ornaşdyrylmagy ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygynyň, depginli ösüşiniň üpjün edilmegi hem-de dünýä ykdysady giňişligine has işjeň goşulyşmagyny üpjün edýär.

Ýurdumyzyň banklary tarapyndan ilata döwrebap hyzmatlaryny hödürlemek, sanly bank hyzmatlarynyň gerimini mundan beýläk-de giňeltmek, hasaplaşyklary tizleşdirmek maksady bilen dürli görnüşli bank kartlaryny çykarmak we olara hyzmat etmek şu günüň möhüm talabynyň biri bolup durýar. Bu ugurda alnyp barylýan işleriň çäginde «Altyn asyr», «Maşgala», «Goýum bank karty», halkara «VISA» we «MasterCard» bank kartlaryny peýdalanmak arkaly, nagt däl hasaplaşyklarynyň ähli görnüşlerini ýerine ýetirmek üçin giň mümkinçilikler döredilen. Sanly ulgamda «Internet-bank», «Mobil-bank», «Elektron söwda», «Halkbank terminal», «Galtaşyksyz töleg», «VISA Virtual», «Menzilara bank», «Sanly kart», «Sanly töleg», «Sanly karz» ýaly hyzmatlaryň üsti bilen ýöriteleşdirilen programma üpjünçiligi arkaly, hyzmatlary ykjam telefon arkaly çalt we amatly ýagdaýda ýerine ýetirmek mümkinçiligi döredildi hem-de müşderiler bu hyzmatlaryň mümkinçiliginden giňden peýdalanýarlar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bank işiniň şeýle görnüşde işjeň sanlylaşmagy menzilara bank düşünjesiniň döremegine we ýaýramagyna getirdi. Sanly hyzmatlar müşderilere, olaryň ýerleşýän ýerine garamazdan, uzak aralykdan köp kanally ulgamlar, şol sanda bankomatlaryň, internete birikdirilen kompýuterleriň, ykjam telefon-

laryň üsti bilen ýerine ýetirilýär. Şeýle görnüşdäki bank hyzmatlary müşderileriň wagtlaryny we serişdelerini tygşytlaýar, hasaplaşyklary çaltlandyrýar.

Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik banky hem öz işinde sanly ulgamy ornaşdyrmak bilen baglanyşykly ýörelgelere uly üns berýär. Döwrüň talaplaryndan ugur alyp, nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini giňeltmek, raýatlara hödürlenilýän hyzmatlaryň görnüşlerini artdyrmak hem-de innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmak maksady bilen, «Elektron söwda», «Internet-bank», «Mobil-bank», «Halkbank» terminal» mobil ulgamy, «Talyp tölegi» onlaýn-hyzmaty, «Şahsy otag», «Sanly karz», «Sanly kart», «Sanly töleg» hyzmatlary ýaly häzirki döwrüň dünýä tejribesine laýyk gelýän mümkinçilikler girizildi.

Raýatlara karzlary resmileşdirmekde sanly ulgamy ulanmak arkaly ýeňillikleri döretmek maksady bilen, Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik banky tarapyndan 2024-nji ýylyň iýul aýynda öz müşderileri bolan fiziki şahslar üçin «Sanly karz» ulgamy ornaşdyryldy. Bankyň resmi internet sahypasynyň üsti bilen hödürlenilýän «Sanly karz» ykjam goşundyny müşderiler öz ykjam telefonlaryna ýüklemek arkaly banka barmazdan onlaýn görnüşinde sarp ediş karzyny almak üçin ýüz tutmaga, onuň ýagdaýyny bilmegä, her bir müşderiniň öz karz taryhyny özbaşdak barlamaga, bank tarapyndan karz almak üçin talap edilýän kagyz görnüşindäki resminamalary aradan aýyrmaga, alyp boljak karzyň möçberini, awtomatiki görnüşinde kesgitlemäge amatly mümkinçilik döredýär.

«Sanly karz» ykjam goşundynyň esasy aýratynlyklarynyň biri müşderileriň şahsyýetini tassyklaýan pasportynyň we aýlyk zähmet haky geçirilýän bank kart maglumatlarynyň hem-de karz taryhynyň awtomatiki usulda barlanylýandygyndan ybaratdyr. Ýagny karz alyjy tarapyndan banka hiç hili resminama tabşyrmak zerurlygy ýok. Şol sebäpli raýatlarymyz sarp ediş maksatlary üçin isleg bildiren karz serişdelerini almak üçin banka diňe bir gezek gelmegi ýeterlik bolýar. Munuň özi raýatlaryň wagtynyň tygşytlanmagy we amatlylyk taýdan örän ähmiýetlidir. Bu hyzmatyň mümkinçiliklerinden peýdalanýan raýatlarymyzyň sany günsaýyn artýar.

Mundan başga-da bank tarapyndan sanly ulgamda ýerine ýetirmäge mümkinçilik döredýän «Halkbank terminal» hyzmaty hem hereket edýär. «Halkbank terminal» hyzmaty döwrebap we ygtybarly tehnologiýanyň esasynda taýýarlanan we nagt däl hasaplaşykda ulanylýan adaty töleg terminalynyň ýerini tutup biljek ykjam programma üpjünçiligi bolup durýar. Söwda we hyzmat ediş nokatlarynyň işgärleri tölegi kabul etmek üçin öz ykjam telefonlaryna bu programma üpjünçiligini ýükläp, ony adaty töleg terminalynyň ornuna ulanyp bilýärler. Adaty töleg terminallaryndaky ähli mümkinçilikler göz öňünde tutulan we olaryň ýerine ýetirýän wezipeleriniň ählisini amal etmäge ukyply bolan bu ykjam programma üpjünçiligi harytlara we hyzmatlara töleg geçirmek we amallaryň taryhyny görmek ýaly mümkinçilikleri berýär. «Halkbank terminal» ulgamynyň üsti bilen satyn alnan harydyň ýa-da ýerine ýetirilen hyzmatyň bahasy girizilýär hem-de degişli töleg geçirilýär. Eger-de ykjam telefonlarda «NFC» galtaşyksyz töleg tehnologiýasy gurnalan bolsa, onda tölegi geçirmek üçin bank kartyny ykjam telefona ýakynlaşdyrmak ýeterlikdir. Bu ýakynlaşdyrmanyň netijesinde ykjam programma üpjünçiligi bank kartyndaky maglumatlary okaýar. Şeýlelikde, satyn alnan haryt ýa-da hyzmat üçin tölegler kabul edilýär. Şundan soňra



ykjam telefonyň ýüzünde tölegiň kabul edilendigi barada elektron çek (hasabat kagyzy) peýda bolýar. Bütin dünýäde hem uly islege eýe bolýan bu hyzmatyň işe girizilmegi, ýurdumyzda nagt däl hasaplaşyklary döwrebap we amatly usulda alyp barmaga täze mümkinçilikleri döredýär.

Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik banky tarapyndan daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdeplerinde okaýan talyplaryň halkara «VISA» we «MasterCard» bank kart hasaplaryna manat serişdelerini onlaýn görnüşde özbaşdak goýmaga we erkin daşary ýurt puluna öwürmäge mümkinçilik berýän «Sanly töleg» ykjam goşundysy işe girizildi. Raýatlar «Sanly töleg» ykjam goşundyny bankyň resmi www.halkbank.gov.tm internet sahypasyndan öz ykjam telefonlaryna ýüklemek arkaly halkara bank kart hasaplaryny banka barmazdan ygtybarly we aňsatlyk bilen aýma-aý dolduryp bilýärler. Geçirilen amallar baradaky maglumat hyzmaty ulanyjy raýatlaryň ykjam telefonlaryna SMS-habary görnüşinde iberilýär. 2025-nji ýylyň 1-nji ýanwar ýagdaýyna bankyň «Sanly töleg» ykjam goşundysyna 53,3 müňe golaý müşderi birikdirilip, olaryň halkara «VISA» we «MasterCard» bank kart hasaplaryna pul serişdeleri geçirildi.

Häzirki wagtda sanly bank hyzmatlary döwrebap bank ulgamynyň aýrylmaz bölegine öwrüldi. Bu hyzmatlar müşderilere köpugurly mümkinçilikleri hödürleýär we banklar üçin müşderiler bilen aragatnaşygy çalt we täsirli gurmaga mümkinçilik berýär. Häzirki zaman bank hyzmatlary müşderilere diňe bir bank amallaryny ýerine ýetirmek bilen çäklenmän, eýsem maliýe maslahatlary almak, maýa goýumlaryny we karzlary dolandyrmak, beýleki maliýe hyzmatlaryndan peýdalanmak ýaly mümkinçiligini hem berýär. Türkmenistanda sanly bank hyzmatlarynyň ösmeginiň netijesinde müşderilere has amatly we ygtybarly şertlerde bank amallaryny ýerine ýetirmek, banklar bilen aragatnaşygy uzakdan guramak, şeýle hem maliýe çykdajylaryny azaltmak ýaly mümkinçilikler döredi. Bu ösüşler milli ykdysadyýete sanly tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagynyň we onuň netijeliliginiň artdyrylmagynyň aýdyň mysalydyr.

Sanly bank hyzmatlarynyň ösdürilmegi, milli ykdysadyýetiň ösüşine ýardam edýän birnäçe faktory öz içine alýar. Ilkinji nobatda, sanly bank hyzmatlary banklaryň we maliýe edaralarynyň netijeliligini ýokarlandyrýar. Bu maliýe dolandyryşyny ýönekeýleşdirmäge, çykdajylary azaltmaga we maliýe serişdelerini has tygşytly ulanmaga mümkinçilik berýär. Şeýle hem, sanly bank hyzmatlarynyň ornaşdyrylmagy, banklaryň müşderilere has çalt we amatly hyzmatlary hödürlemegini, şeýle hem müşderileriň banklar bilen uzak aralykdan aragatnaşyk saklamagyny üpjün edýär.



Sanly ykdysadyýetiň ösüşi milli ykdysadyýetiň döwrebaplaşdyrylmagyny üpjün edýär. Türkmenistanda sanly tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy we banklaryň sanly hyzmatlary hödürlemegi milli ykdysadyýetiň beýleki ugurlarynda hem innowasiýalaryň we täze tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagyna ýol açýar. Bu bolsa, milli ykdysadyýetiň has çalt ösmegine, iş ýerleriniň artmagyna, şeýle hem halkyň durmuş derejesiniň ýokarlanmagyna ýardam berýär.

Geçirilýän bu işleriň ählisi banklaryň müşderiler bilen aragatnaşyk usullarynyň döwrebaplaş-

magyna, sarp edilýän wagty we harajatlary tygşytlamaga, amallary öz wagtynda geçirmäge, ýurtda durnukly ykdysady ösüşi üpjün etmäge, netije-de raýatlarymyzyň hal-ýagdaýyny has-da gowulandyrmaga gönükdirilendir.

Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik banky raýatlaryň bank işi bilen bagly ähli zerurlyklaryny üpjün etmek bilen, alyp barýan işinde müşderileriň ynamyny ödemegi, ygtybarlylygy, açykgöwünli we hoşniýetli hyzmat etmegi, işleri köptaraply ýola goýmagy hem-de işgärleriň agzybirligini we olaryň hünär ussatlygyny esasy gymmatlyklary hökmünde kesgitleýär. Bu ýörelge bolsa bankyň işinde oňyn netijeleriň gazanylmagyna ýardam edýär.

Halkymyzyň abadançylygy, rowaçlygy milli ykdysadyýetimiziň diwersifikasiýalaşdyrlyp ösdürilmegi ugrunda ýadawsyz tagallalary edýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag bolsun, ömürleri uzak, Belent Başy aman bolsun. Il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli alyp barýan işleri belent maksatly işleri mundan beýläk hem rowaç alsyn!

**Kemal ÖWEZBERDIÝEW,**
Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik bankynyň
Goýum amallary bölüminiň başlygy

## SELJERIŞ MAKALALARY

# MILLI YKDYSADYÝETIMIZI ÖSDÜRMEKDE PUL-KARZ SYÝASATYNYŇ ORNY

Hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda milli ykdysadyýetimizi döwrebap ösdürmek arkaly halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmak we ýurdumyzy dünýäniň öňdebaryjy döwletleriniň hataryna ýetirmek ugrunda möhüm ykdysady özgertmeler amala aşyrylýar.

«Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyna», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdymyzy 2022-2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna» we «Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyna» laýyklykda ýurdumyzda bolup geçýän ykdysady özgertmeler tapgyrlaýyn esasda amala aşyrylýar. Milli ykdysadyýetimizi köpugurly esasda ösdürmek ugrunda alnyp barylýan syýasatlary üstünlikli durmuşa geçirmekde, ýurdumyzyň durmuş-ykdysady kuwwatyny ýokarlandyrmakda banklaryň pul-karz syýasaty möhüm orny eýeleýär.

Pul-karz syýasaty döwletiň möhüm syýasatynyň biri bolup, bazar gatnaşyklary şertlerinde hojalygy ýöretmegiň we ýurduň ykdysadyýetine täsir etmegiň möhüm guraly hasaplanylýar. Pul-karz syýasatynyň esasy maksady pul-karz syýasatynyň gurallaryndan netijeli peýdalanyp, milli manadyň hümmetini berkitmekden, ýurduň durnukly ykdysady ösüşini üpjün etmekden, eksporta ukyply we importuň ornuny tutýan önüm öndüriji (aýratyn-da, döwlet eýeçiligine dahylsyz tarapalar boýunça) pudagyň senagat we innowasion taýdan ösüşini goldamakdan we ýurduň pul ätiýaçlyklaryny berkitmekden ybarat bolup durýar. Pul-karz syýasaty, ýurduň ykdysady ýagdaýyna we ondaky bar bolan umumy isleglere täsir edýär. Mälim boluşy ýaly, ýurduň pul-karz syýasaty ykdysadyýetiň anyk (önüm öndüriji) pudagy bilen aýrylmaz arabaglanşykda bolup, onda ýagdaýlaryň üýtgemegi anyk pudagyň maliýe ýagdaýyna göniden-göni öz täsirini ýetirýär. Şu nukdaýnazardan, ýurtda pul-karz syýasatynyň netijeli ýola goýulmagy üçin geljekde makroykdysady görkezijilere täsir edip biljek daşarky we içerki syýasy, ykdysady we beýleki ýagdaýlaryň ýurduň Merkezi banklary we beýleki karz edaralar tarapyndan deslapdan düýpli seljerilmegi möhüm wezipeleriň biri bolup durýar.

Döwlet tarapyndan kadalaşdyrylýan karz edaralarynyň pul-karz syýasatyna degişli ykdysady gurallaryň netijeli işleýändigine baha bermek üçin ykdysadyýetde nagt pul dolanşygynyň mukdar taýdan üýtgemegine we karz serişdeleriň nyrhyna bolan islegleriň hem-de teklipleriň üýtgemek ýagdaýlaryny hemişe seljermek möhüm bolup durýar. Şunda, makroykdysady görkezijileri seljerilende, ilkinji nobatda M0 we M1 pul agregatlarynyň ýagdaýyny pul-karz syýasatynyň esasy gurallary bolan nagt puluň emissiýasynyň mukdaryndan, Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan kesgitlenilýän karz edaralaryny gaýtadan maliýeleşdirmekligiň derejesi, diskont syýasaty, göni mukdar çäklendirmeler we beýleki ykdysady gurallardan işjeň peýdalanylýar.

Ýurtda ykdysady çökgünlikleriň öňüni almakda we milli ykdysadyýeti sagdynlaşdyrmakda karz edaralarynyň pul-karz syýasatynyň orny örän ulydyr. Şunda, milli puluň durnuklylygyny saklamakda ilkinji nobatda pul-karz syýasatynyň möhüm kadalaşdyryjy guraly bolan gaýtadan maliýeleşdirmekligiň laýyk derejesini kesgitlemek we diskont syýasatynyň karz ekspansiýasy we karz restriksiýasy ýaly gurallaryndan ýerlikli peýdalanmak özüniň oňyn netijesini berýär.

Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallasy bilen milli puluň hümmetsizlenmek derejesini göz öňünde tutulan derejelerde saklamak we ýurduň nyrh syýasatyna oňyn täsir etmek maksady bilen, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň pul-karz syýasatynyň esasy gurallarynyň biri bolan karz edaralaryny gaýtadan maliýeleşdirmek derejesiniň birnäçe ýyllardan bäri belli bir (ýagny, ýyllyk 5 göterim) derejede üýtgedilmän saklanylyp gelinmegi, ýurdumyzyň beýleki karz edaralary bilen bir hatarda Türkmenistanyň «Senagat» paýdarlar täjirçilik banky tarapyndan hem ýurdumyzda importyň ornuny tutýan we eksporta ukyply bolan ýokary hilli önüm öndüriji ýerli telekeçileriň ýüzlerçe taslamalaryny ýeňillikli şertlerde bank karzynyň hasabyna maliýeleşdirmäge, şeýle hem raýatlarymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowlandyrmak we beýleki durmuş zerurlyklaryny kanagatlandyrmak maksady bilen, ýokary amatlyklary bolan ýaşaýyş jaýlaryny satyn almak üçin ýeňillikli şertlerde karz serişdelerini bermäge giň mümkinçilikleri döretdi.

Hormatly Prezidentimiz tarapyndan döredilen şeýle mümkinçiliklerden ugur alyp, Türkmenistanyň «Senagat» paýdarlar täjirçilik banky tarapyndan eýeçiligiň dürli görnüşlerini karzlaşdyrmak boýunça degişli işler amala aşyrylýar. Şunuň bilen baglylykda 2025-nji ýylyň 1-nji ýanwar ýagdaýyna bankyň karz bukjasyndaky berlen karzlaryň galyndysy 3 208,5 mln. manatdan ybarat bolup, olardan 3 070,6 mln. manatdan gowragy milli manatda we 137,8 mln. manatdan gowragy bolsa daşary ýurt pulunda berlen karzlara degişli bolup durýar. Bankyň karz bukjasynyň düzüminiň 76,56 göterimini döwlete dahylsyz edara-kärhanalara, hususy telekeçilere we kärendeçilere hem-de galan 23,44 göterimini bolsa raýatlara berlen karzlar düzýär. 2025-nji ýylyň 1-nji ýanwar ýagdaýyna bankyň umumy karz bukjasynyň düzüminde Türkmenistanyň Prezidentiniň kararlaryna laýyklykda ýeňillikli şertlerde berlen karzlaryň jemi 311,9 mln. manatdan ybarat bolup, olardan 88,1 mln. manady önümçilik maksatlaryna, 100,8 mln. manady gurluşyk işlerine, 59,2 mln. manady oba hojalygyny ösdürmäge we 63,4 mln. manatdy ýurdumyzyň raýatlaryna ýokary amatlyklary bolan ýaşaýyş jaýlaryny satyn almak üçin ýeňillikli şertlerde berlen ipoteka karzlaryna degişli bolup durýar.

Şeýle hem hasabat senä ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak we beýleki durmuş zerurlyklaryny kanagatlandyrmak maksatly berlen karzlaryň galyndysy 751,9 mln. manatdan (şol sanda 63,4 mln. manat möçberinde ýeňillikli şertlerde berlen ipoteka karzyndan) ybarat.

Diskont syýasaty (türkmençe «arzanlatmak», «bahany aşaklatmak» diýmekligi aňladýar) – bu Merkezi banklaryň pul-karz syýasatynyň bir guraly bolup, onuň esasy maksady gaýtadan maliýeleşdirmekligiň göterimini dogry derejede kesgitlemek arkaly ýurduň ykdysadyýetini ösdürmek maksatly (aýratyn-da önümçilige) berilýän karzlaryň möçberini we olaryň göterim derejelerini ýeňilleşdirilen şertlerde kesgitläp, milli puluň hümmetsizlenmek derejesini saklamaga, ýurduň töleg balansyny we daşary ýurt pulunyň milli pula bolan nyrhyny kadalaşdyrmaga gönükdirilen syýasatdyr. Ýurduň milli Maksatnamalarynda göz öňünde tutulyşy ýaly, bank ulgamy bilen bir hatarda ykdysadyýetiň beýleki pudaklaryny tapgyrlaýyn hususylaşdyrylýan döwürde, döwlet ähmiýetli taslamalary maliýeleşdirmekligiň, döwlete dahylsyz taraplary merkezleşdirilen serişdeleriň hasabyna ýeňilleşdirilen şertlerde karzlaşdyrmaklygyň we raýatlara ýeňillikli şertlerdäki ipoteka hem-de sarp ediş karzlaryny bermekligiň hasabyna ilatyň durmuş şertlerini gowlandyrmakda Merkezi banklaryň diskont syýasatynyň ähmiýeti örän ulydyr. Diskont syýasatynyň düzüm bölekleri hökmünde karz ekspansiýasy (başgaça aýdylanda arzan pullaryň syýasaty) we restriksiýa (ýagny, gymmat pullaryň syýasaty) çykyş edýär.

Karz ekspansiýasy (türkmençe «giňeltmek», «ulaltmak» diýmekligi aňladýar) – bu, karz

edaralarynyň karz amallaryny höweslendirmek boýunça Merkezi banklar tarapyndan alnyp barylýan syýasat bolup, onuň esasy maksady täjirçilik banklarynda berilýän karzlaryň göterim derejelerini peseltmäge täsir etmek arkaly milli ykdysadyýeti ösdürmäge we ýurtda işsizligiň ösüş depgini peseltmäge öňaýly täsir etmekden ybaratdyr. Ýurtda karz ekspansiýasynyň kömegi bilen täjirçilik banklarynyň Merkezi bankdan arzan göterimden karz serişdelerini alyp, özleriniň hyzmat edýän müşderilerine pes göterimden karzlaşdyrmak arkaly, olaryň bank karzlaryna bolan isleglerini (ýagny, karzlaryň özüne çekijiligini) ýokarlandyrmaga mümkinçilik gazanylýar. Restriksiýa (türkmençe «çäklendirmek» diýmekligi aňladýar) – bu, karz ekspansiýasyna garşydaş syýasat bolup, ony geçirmekligiň hasabyna Merkezi banklar ýurduň dolanşyga goýberilýän nagt pullaryň emissiýasyny we berilýän karz serişdeleriň möçberini peseltmäge täsir edýärler. Şunda Merkezi banklar nagt pullaryň emissiýasyny peseltmek maksady bilen özüniň pul-karz syýasatynyň restriksiýa ýagny, göni mukdar çäklendirmeleri, pul interwensiýalary we pul toplumynyň artmagynyň çelgilerini bellemek ýaly syýasatlardan işjeň peýdalanýarlar.

Türkmenistanyň «Senagat» paýdarlar täjirçilik banky tarapyndan Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň 3-nji oktýabrynda çykaran «Pul we alyş-çalyş amallarynyň meseleleri hakynda» 13240 belgili Kararyna we ýurdumyzda tapgyrlaýyn esasda amala aşyrylýan milli Maksatnamalara hem-de Konsepsiýalara laýyklykda, ýurtda pul dolanyşygynyň netijeliligini has-da kämilleşdirmek we dünýäniň öňdebaryjy tilsimatlaryna esaslanýan nagt däl hasaplaşyklary ösdürip, ilata ýokary derejede bank hyzmatlaryny ýerine ýetirmek maksady bilen häzirkizaman elektron bank hyzmatlarynyň gerimini giňeltmek boýunça meýilnamalaýyn işler amala aşyrylýar.

Bank tarapyndan 2025-nji ýylyň 1-nji ýanwar ýagdaýyna emitirlenen bank kartlarynyň sany 499,98 müňe ýetip, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 44,54 müň sany bank kartyny ulanyjlaryň sany köpeldi.

Häzirki döwürde Türkmenistanyň «Senagat» paýdarlar täjirçilik banky tarapyndan sanly ulgam arkaly nagt däl hasaplaşyklary ösdürmek maksady bilen, TM CELL, CDMA öýjükli aragatnaşyk, internet, IP-telewideniýe, saglyk ätiýaçlandyryş, Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Polisiýanyň ýol gözegçilik gullugy boýunça jerime tölegleri we Aşgabat şäherindäki hereket edýän awtobuslarda ilatyň ýol töleglerini tölemek mümkinçilikleri döretmek üçin 210 sany maglumat-amal terminallary ornaşdyryldy. Şeýle hem, bankyň önümi bolan «Senagat töleg» mobil programmasy arkaly müşderilere hödürlenilýän hyzmatyň mümkinçiliklerini giňeltmek we täze onlaýn kabulhana funksionalyny we «Sanly karz» ykjam goşudysyny ýakyn wagtlarda işe girizmek boýunça meýilnamalaýyn işler amala aşyrylýar.



Ýurdumyzda hereket edýän milli maksatnamalaryň we konsepsiýalaryň çäklerinde tapgyrlaýyn esasda durmuşa geçirilýän çärlerden ugur alyp, ýurdumyzyň pul-karz syýasatyny kämilleşdirmek maksady bilen ýurdumyzyň bank ulgamynyň öňünde goýlan wezipeleriň «Halkara parahatçyyk we ynanyşmak ýylynda» hem üstünlikli amala aşyrylmagy ugrunda Türkmenistanyň «Senagat» paýdarlar täjirçilik banky tarapyndan tagallalar ediler.

Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň ileri tutulýan ugurlarynyň durmuşa geçi-

rilmegi döwlet eýeçiligindäki hem-de döwlete dahylsyz bölekdäki guramalara, önümçilik pudaklaryna we ilata häzirkizaman bank hyzmatlarynyň berilmegini üpjün eder, ykdysadyýetiň ýokarlanýan isleglerine laýyklykda bank hyzmatlarynyň hilini gowulandyrmaga, pul dolanyşygyny çaltlandyrmak boýunça çäreleri amala aşyrmaga, netijeli pul-karz syýasatyny geçirmäge we milli puluň satyn alyjylyk ukybyny berkitmäge ýardam berer. Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanyp, Hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda amala aşyrylýan bank ulgamyndaky özgertmeleriň ählisi ýurdumyzyň ilatynyň ýaşaýyş durmuş derejesini has-da gowulandyrmaga hem-de dünýäniň ösen ýurtlarynyň derejesine ýetirmäge gönükdirilendir.

Türkmen halkyna bagtyýar we abadan durmuşy peşgeş beren Gahryman Arkadagymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, Watanymyzyň asudalygy, il-günümiziň abadan, bolelin durmuşda ýaşamagy ugrunda alyp barýan işle-ri hemişe rowaçlyklara beslensin!

**Annadurdy MELÄÝEW,**
Türkmenistanyň «Senagat» paýdarlar täjirçilik
bankynyň Ykdysady görkezijileri seljeriş
we metodologiýa bölüminiň baş hünärmeni

# TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI
## Тенденции развития банковской системы Туркменистана
## Development trends of the banking system of Turkmenistan

**2025-nji ýylyň 1-nji ýanwar ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat**

Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 января 2025 г.

Information on the number of branches of the credit institutions of Turkmenistan as of January 1, 2025




**2025-nji ýylyň 1-nji ýanwar ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat**

Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 января 2025 г.

Information on the number of agencies of the credit institutions of Turkmenistan as of January 1, 2025




**2025-nji ýylyň 1-nji ýanwar ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralary boýunça daşary ýurt puluny alyş-çalyş nokatlarynyň sany**

Количество обменных пунктов иностранной валюты по кредитным учреждениям Туркменистана на 1 января 2025 года

Number of the exchange bureaus of the credit institutions of Turkmenistan as of January 1, 2025




**Karz edaralaryň işjeňleriniň düzümi, (%-de)**

Структура активов кредитных учреждений, (в %)

Structure of assets of the credit institutions (in %)



№12
2024

TÜRKMENISTANYŇ MERKEZI BANKY
Центральный банк Туркменистана
Central bank of Turkmenistan

## Karz edaralaryň işjeň dälleriniň düzümi, (%-de)

Структура пассивов кредитных учреждений, (в %)
Structure of liabilities of the credit institutions(in %)




## 2025-nji ýylyň ýylyň 1-nji ýanwar ýagdaýyna karz edralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat

Величина уставного фонда кредитных учреждений
по состоянию на 1 января 2025 г.
Authorized capital size as of 1 January 2025




## Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleriniň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)

Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий, организаций и населения по срокам их размещения (в млн манат)

Funds on the settlement, current, deposit accounts of the enterprises, organizations and households by the terms of placement (in mln. manat)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň eýeçiligi boýunça bölünişi (mln manatda)

Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоставленных в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по формам их собственности (в млн манат)

Undrawn credit amounts in national currency of the credits issued to the enterprises, organizations and households, by the forms of the ownership (in mln. manat)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)

Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоствленные в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по срокам их размещения (в млн манат)

Distribution of balances of credits with the credit institutions provided to the enterprises, organizations and households by the terms of placement (in mln. manat)




## 2025-nji ýylyň 1-nji ýanwar ýagdaýyna Türkmenistanyň bank kart ulgamynda hasaba alnan bank kartlary boýunça maglumat (görkezijiler tegeleklenip alyndy)

Сведения о зарегистрированных в банковской карточной системе Туркменистана банковских картах по состоянию на 1 января 2025 года (указатели округлены)

Information on the bankcards registered in the bank system of Turkmenistan as of 1 January 2025 (rounded-off)



## Türkmenistanyň karz edaralarynyň işjeňliginiň esasy görkezijileri
### Основные показатели деятельности кредитных учреждений Туркменистана
### Key performance indicators of credit institutions in Turkmenistan

| **GÖRKEZIJILER**<br>ПОКАЗАТЕЛИ/INDICATORS | ölçeg birligi<br>ед. измер.<br>measure unit | 01.01.2024 | 01.01.2025 | 01.01.2025<br>01.01.2024-e,<br>%-de |
|---|---|---|---|---|
| **1. Bellige alnan karz edaralary**<br>Зарегистрированные кредитные учреждения<br>Registered credit institutions | sany<br>количество<br>number | **11** | **11** | *100,0* |
| şol sanda/в том числе/ including: | | | | |
| - döwlet täjirçilik<br>- государственно-коммерческие<br>- state-commercial | sany<br>количество<br>number | 3 | 3 | *100,0* |
| - paýdarlar täjirçilik<br>- акционерно-коммерческие<br>- joint-stock commercial | sany<br>количество<br>number | 5 | 5 | *100,0* |
| - daşary ýurt banklarynyň şahamçalary<br>- филиалы иностранных банков<br>- branches of foreign banks | sany<br>количество<br>number | 1 | 1 | *100,0* |
| - Döwlet ösüş banky<br>- Государственный банк развития<br>- State Development bank | sany<br>количество<br>number | 1 | 1 | *100,0* |
| - «Türkmen maýa goýum kompaniýasy»<br>- «Туркменская инвестиционная компания»<br>- «Turkmen investment company» | sany<br>количество<br>number | 1 | 1 | *100,0* |
| **2. Karz edaralaryň şahamçalarynyň sany**<br>Количество филиалов кредитных учреждений<br>Number of branches of credit institutions | sany<br>количество<br>number | **150** | **149** | *99,3* |
| **3. Karz edaralarynda hyzmat edilýän müşderilere açylan hasaplaryň sany**<br>Количество счетов открытых клиентом обслуживаемых кредитными учреждениями<br>Number of accounts opened by clients serviced by credit institutions | sany<br>количество<br>number | **7 046 129** | **7 675 485** | *108,9* |
| **4. Karz edaralaryň işgärleriniň sany**<br>Численность работников кредитных учреждений<br>Number of employees of credit institutions | sany<br>количество<br>number | **8 391,80** | **8 408,50** | *100,2* |
| **5. Karz edaralaryň hakyky toplan esaslyk maýasynyň möçberi**<br>Фактически сформированный уставный фонд кредитных учреждений<br>Actually formed authorized capital of credit institutions | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **7 167,80** | **7 432,33** | *103,7* |
| **6. Türkmenistanyň Merkezi bankynda açylan karz edaralarynyň aragatnaşyk hasaplaryndaky galyndylary (milli pulda)**<br>Остаток на корреспондентских счетах кредитных учреждений в Центральном банке Туркменистана (в нац. валюте)<br>Balances on correspondent accounts of credit institutions in the Central Bank of Turkmenistan (in national currency) | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **17 876,07** | **16 997,27** | *95,1* |
| **7. Türkmenistanyň karz edaralarynyň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylary**<br>Остаток кредитов кредитных учреждений Туркменистана в национальной валюте, предоставленные предприятиям, организациям, населению<br>The balance of credits of credit institutions of Turkmenistan in national currency, provided to enterprises, organizations and the population | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **89 102,20** | **92 135,71** | *103,4* |
| **8. Karz edaralarynda kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleri (milli pulda)**<br>Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий, организаций и населения в кредитных учреждениях (в нац. валюте)<br>Funds at settlement, current accounts and deposits of enterprises, organizations and individuals in credit institutions (in national currency) | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **39 600,98** | **40 178,70** | *101,5* |

***Ylmy-önümçilik geňeşinde taýýarlanyldy***
*Подготовлено Научно-производственным советом /Prepared by the Research Council*

## 2025-nji ýylyň 1-nji ýanwar ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat
Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 января 2025 г.
Information on the number of branches of credit institutions of Turkmenistan as of January 1, 2025

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений<br>Name of credit institutions | Şahamçalaryň sany<br>Количество филиалов<br>Number of brances | Ahal<br>Ахал<br>Ahal | Aşgabat<br>Ашхабад<br>Ashgabat | Arkadag<br>Аркадаг<br>Arkadag | Balkan<br>Балкан<br>Balkan | Daşoguz<br>Дашогуз<br>Dashoguz | Lebap<br>Лебап<br>Lebap | Mary<br>Мары<br>Mary |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB**<br>ГКБТ «Туркменистан» / SCBT «Turkmenistan» | **22** | 3 | 7 | 1 | 4 | 1 | 3 | 3 |
| **Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB**<br>АКБТ «Туркменбаши» / JSCBT «Turkmenbashi» | **23** | 1 | 5 | | 4 | 3 | 6 | 4 |
| **Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB**<br>ГКБТ «Дайханбанк» / SCBT «Dayhanbank» | **51** | 7 | 1 | 1 | 7 | 10 | 13 | 12 |
| **TD Daşary ykdysady iş banky**<br>Туркменвнешэкономбанк/<br>State Bank for Foreign Economic Affairs of Turkmenistan | **3** | | 2 | | 1 | | | |
| **Türkmenistanyň «Halkbank» PTB**<br>АКБТ «Халкбанк»/ JSCBT «Halkbank» | **32** | 4 | 7 | 1 | 3 | 4 | 7 | 6 |
| **Türkmenistanyň «Senagat» PTB**<br>АКБТ «Сенагат»/ JSCBT «Senagat» | **14** | 1 | 2 | 1 | 4 | 2 | 2 | 2 |
| **«Rysgal» PTB**<br>АКБ «Рысгал» / JSCB «Rysgal» | **4** | | | | 1 | 1 | 1 | 1 |
| **Jemi / Всего / Total** | **149** | **16** | **24** | **4** | **24** | **21** | **32** | **28** |

## 2025-nji ýylyň 1-nji ýanwar ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat
Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 января 2025 г.
Information on the number of credit institutions agencies of Turkmenistan as of January 1, 2025

